# Ýeriň emeli hemrasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýeriň emeli hemrasy ÝERIŇ EMELI HEMRASY

Ýeriň emeli hemrasy,
Mäkäm şaýlana-şaýlana.
Atylyp asmana gitdi,
Ýerden saýlana-saýlana.

Bir ýyldyzyň ýary ýaly,
Günüň güneş nury ýaly,
Giň asmanda täze ýoly
Açýar aýlana-aýlana.

Güýçlendirip galkymyny,
Kä görkezer alkymyny,
Kä ýalpyldap, ýalkymyny
Saçar aýlana-aýlana.

Jigim gördi, enem gördi,
Biz bhilen il-günem gördi.
Bir görenler ýenem gördi
Geçýär aýlana-aýlana.

Goý, batsynlar oýa – diýip,
– Asyl bolman zaýa – diýip.
– Tiz ýeterin Aýa diýip,
Uçýar aýlana-aýlana.

Meretguly GARRYÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular